# «Çelsi» FK-na hyrydar çykan türk gürledi: Söwdalaşma meselesinde belli netijä geldik

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Çelsi" FK-na hyrydar çykan türk gürledi: Söwdalaşma meselesinde belli netijä geldik «ÇELSI» FK-na HYRYDAR ÇYKAN TÜRK GÜRLEDI: SÖWDALAŞMA MESELESINDE BELLI NETIJÄ GELDIK




*Russiýa-Ukraina urşy sebäpli sanksiýa uçran Abramowiçiñ «Çelsini» satjakdygyny aýtmagynyñ yzysüre «AB Grup Holding» kompaniýasynyñ eýesi Muhsin Baýrak kluba hyrydar boldy.*

Russiýanyñ Ukraina garşy uruş yglan etmeginden soñ gelen sanksiýalar rus işewürlerine we oligarhlaryna-da syçrady.

Russiýa-Ukraina urşunyñ başlamagy bilen Birleşen Korollygyñ

sanksiýalaryna uçran, premýer-liganyñ topary «Çelsi» FK-niñ eýesi rus milliarder Roman Abramowiç gelýän ýazgarylmalardan soñ kluby satmakçy bolýandygyny habar berdi.
Putin bilen arasynyñ sazdygy bilinýän Abramowiç kluby satuwyndan görjek peýdasyny-dq uruşda zelel gören ukrain maşgalalaryna sarp etjekdigini mälim etdi.
Muny eşdip, herekete geçen türk işewüri Muhsin Baýragyñ premýer-liganyñ läheñini satyn almak üçin äden ädimi bütin dünýäde uly gyzyklanma döretdi.
Londonda goýumlary bolan we birnäçe pudakda iş alyp barýan «AB Grup Holding»-iñ eýesi Baýrak «Çelsini» satyn alma pikirini beýan etmek bilen bir hatarda gyzyklanylýan sowallara jogap berdi.

## • Häzir üns bize gönükdi, söwdalaşma meselesinde belli netijä geldik

Klubyñ satuwa çykarylýandygy resmi taýdan habar berilmänkä mundan habarlydydygyny aýdan Baýrak «Bile işleşen professor Mimar Barbaros Sagdyç halypamyz klubyñ arhitektory bolup işleýärdi. Men mugallymyma «Şeýle ýagdaý bar, gürleşeli» diýdim. Gürleşdik we hemme zat oñuna» diýdi.
Klubyñ satuwy üçin meýilleşdirilen tölegiñ görnüşinden söz açan Baýrak «Gresiýada we Ýewropanyñ beýleki ýerlerinde ägirt uly goýumlarymyz, ýerlerimiz bar. Marina we başga-da bir ýer bar. Şol iki ýeri bereris, galan puly Türkiýede beriler. Häzir rus kapitalynyñ dünýädäki iñ howpsyz menzili Türkiýedir. «Çelsiniñ» bizden başga-da 4-5 sany müşderisi bar, emma edil häzir üns bizde. Söwdalaşma meselesinde-de belli netijä geldik. Öñümizdäki hepdäniñ çarşenbe ýa-da penşenbe güni Londona bir topar ugratjak. Ol ýerde ýüzbe-ýüz gepleşik geçiriler. Häzir biziñ aklawjylarymyz gepleşik geçirip ýör» diýdi.

## • «Edil häzir mümkinçilik doly biziñ elimizde

«Çelsiniñ» türk şereketine satylmagynyñ Türkiýe üçinem diýseñ möhüm we ýurdy tanatmagy artdyryp biljek ädim boljakdygyny

aýdan Baýrak sözüne şeýle dowam etdi:
«Ýurdumyz üçin örän gowy mahabat bolar. Ýurdumyza we kompaniýamyza ähmiýetli missiýa ýüklär, şoň üçinem aljagymyz hak. Edil häzir mümkinçilik doly biziň elimizde. Ýagdaý-a şeýle, işler ugruna barýar.

**• «Biziň ýa-da «AB Grup Holding»-iň mahabata mätäçligi ýok, bu ýöne bir söwda: bir şerekete hyrydar bolarsyňyz, alarsyňyz ýa-da almarsyňyz»**

«Çelsä» hyrydar çykmaklarynyň mahabat maksady bilen edilýändigi baradaky tankydy belliklere-de jogap beren Baýrak şeýle diýdi:
«Biziň ýa-da «AB Grup Holding»-iň mahabata mätäçligi ýok. Men kyrk ýyl bäri gijämi gündiz edip işläp ýörün. Watanymy şirin janymdan eziz görýärin. Türkiýe üçin gijämizi gündiz etdik. Biz öňem global sferada güýçli kompaniýa. Ýagny, mahabata mätäçligimiz ýok. Bu ýöne bir söwda, Gidýäňiz, bir şerekete hyrydar bolarsyňyz, alarsyňyz ýa-da almarsyňyz. Ýagny, biz mahabat bolsun diýip, «Çelsini» aljak diýmedik. Ýöne habar dogry. Enşalla, kluby biz alarys.»

**• «Ýurdumyz işlenmedik jöwher mysaly, ony diňe öz raýatlarymyz gaýtadan işläp jahana tanadyp biler»**

Muhsin Baýrak «Çelsiniň» Türkiýä aýratyn öwüşgin berjekjigini aýdyp, «Çelsi» dünýäniň iň uly klublarynyň biri. Bu nämäni görkezýär. Türk şereketleriniň mundan beýläk dünýä arenasynda bolmalydygyny, bolmaga mejburdygyny we Türkiýäniň güýjüniň indi dünýäde görülmegini aňladýar. Biz indi diňe öz ýerimizde däl, global sferada-da işjeň bolmaly. Çünki türk halky örän işeňňir, zähmetsöýer halk. Ýewropadaky söwda işlerimizde muny görüp ýörüs. Biz adatça ýewropalylardan has işeňňir halk. Türkiýäniň mahabaty üçin gerekli zat. Biziň ýurdumyz işlenmedik jöwher mysaly, ony diňe öz raýatlarymyz gaýtadan işläp jahana tanadyp biler» diýdi.

**• «Işimizi üstünlikli ýerine ýetirjekdigimize hiç kimiň**

**şübhesi bolmasyn»**

Baýrak «Eger ylalaşyga gelinse, göz öňüne tutulan transfer gory nähili bolar?» soragyna, edil häzir muny oýlanyşmagyň ir boljakdygyny aýdyp şu jogaby berdi:
«Ony häzir oýlanyşmak üçin has ir, emma arkaýyn boluň, biz muny iň gowy görnüşde ýerine ýetireris. Munuň hötdesinden geljegimize hiç kimiň şübhesi bolmasyn.»

**• Abramowiç 19 ýyl öň satyn alypdy**

Premýer-liganyň klublaryndan «Çelsi» 19 ýyl öň rus işewüri Roman Abramowiç tarapyndan 140 million sterlinge satyn alynypdy.
Şu geçen wagtda edilen çykdajylar hemmeleriň diline düşmek bilen birlikde, tälimçi Žose Mourinýo bilen başlan öňe çykyş prosesi «Çelsiniň» dünýä markasy bolmagyna getirdi.
Abramowiçiň başlyklygynda bäş gezek premýer-liganyň çempiony bolan London kluby, iki gezek Çempionlar ligasynyň, bäş gezek FA kubogynyň, üç gezek Liga kubogynyň, iki gezek Ýewropa ligasynyň, bir gezek UEFA-nyň Super kubogynyň, bir gezek FIFA-nyň klublarara dünýä kubogynyň, iki gezegem Angliýanyň Super kubogynyň ýeňijisi boldy.
Nemes tälimçisi Tomas Tuçeliň türgenleşdirýän «Çelsi» FK-y «Transfermarkt»-yň maglumatyna görä häzirki şahsy düzüminiň gymmaty 883 million ýewro. Klubyň iň gymmatbahaly oýunçylary bolsa Romelu Lukaku (100 milyon ýewro), Mason Mount (75 million ýewro), Kai Hawertz (70 million ýewro), Reece Jeýms (55 million ýewro) we hersi 50 million ýewro alynan Timo Werner bilen N’Golo Kante.
Şu futbol möwsümi premýer-ligada 25 duşuşyga çykan «mawylar» elli utuk gazanyp, iki duşuşygy kemterdigine garamazdan tablisanyň başyny çekýän «Mançester Siti» klubynyň on alty utuk yzynda, üçünji orunda barýar.

Mehmet ALTUNKYLYÇ.

05.03.2022 ý. Sport we turizm